# TÜRKMENISTANYŇ
# K A N U N Y

## «Bedenterbiýe we sport hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna üýtgetmeler we goşmaça girizmek hakynda

I. 2020-nji ýylyň 22-nji awgustyndaky «Bedenterbiýe we sport hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2020 ý., № 3, 33-nji madda; 2023 ý., № 2, 37-nji madda) şu üýtgetmeleri we goşmaçany girizmeli:

1) 1-nji maddada:

8-nji bendi güýjüni ýitiren diýip ykrar etmeli;

9-njy bentde «Aziýa oýunlary,» diýen sözlerden soň «Aziýa Para oýunlary,» diýen sözleri goşmaly;

2) 7-nji maddanyň birinji böleginde:

1-nji bentde «Aziýa oýunlaryna» diýen sözlerden soň «, Aziýa Para oýunlaryna» diýen sözleri goşmaly;

7-nji bentde «önümleriniň» diýen sözden soň «hem-de bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlaryň» diýen sözleri goşmaly;

3) 10-njy maddanyň 5-nji bendini güýjüni ýitiren diýip ykrar etmeli;

4) 11-nji maddada:

24-nji bendi güýjüni ýitiren diýip ykrar etmeli;

47-nji bentden soň şu mazmunly bendi goşmaly:

«$47^1$) Türkmenistanyň sertifikatlaşdyrmak babatdaky kanunçylygyna laýyklykda, bedenterbiýe we sport bilen bagly hyzmatlary sertifikatlaşdyrmak işini amala aşyrýar;»;

5) 57-nji we 58-nji maddalary güýjüni ýitiren diýip ykrar etmeli;

6) 64-nji maddanyň dördünji böleginde «Aziýa oýunlarynyň,» diýen sözlerden soň «Aziýa Para oýunlarynyň,» diýen sözleri goşmaly.

II. Şu Kanun resmi taýdan çap edilen gününden herekete girizilýär.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Serdar Berdimuhamedow**

Aşgabat şäheri.
2024-nji ýylyň 13-nji iýuly.
№ 113-VII.